# Sütükli haýwanlaryň ýurduna syýahat ýa-da ýüzýän adadaky başdangeçirmeler (3 bolek)

Category: Romanlar
написано kitapcy | 21 марта, 2025



ONUNJY BAP

Geçmişe syýahat

Missis Barnet bilen Jasper Gobson agşam sagat 6-larda fortuň gapysyny kakdylar. Olaryň nähili şatlyk bilen garşylanandygyny bir görsediňiz, çünki hemmeler olar heläk bolandyr diýip hasaplaýardylar! Ýöne goja Normanyň heläk bolandygyny eşidenlerinde adamlaryň şatlygy ajy hasrata ýazdy. Batyr deňizçini hemmeler gowy görýärdi, hemmeler ony diňe ýagşylykda ýatlap, indi ony gaýdyp hijem görmejekdiklerine gynanýardylar.

Batyr, gaýduwsyz eskimoslar barada aýdanymyzda bolsa, olar leýtenant bilen onuň ýoldaşy syýahatçy zenanyň tüýs ýürekden çykýan hoşallyklaryna birjik-de eselmän, seslerini çykarman diňlediler, olar hatda forta girmek hem islemediler. Özleriniň bitiren işlerini olar edermenligem hasaplanokdylar, oňa adaty, bolaýmaly zat hökmünde garaýardylar. Bu olaryň gark bolanlary ilkinji gezek halas edişleri däldi. Olar kän eglenip durman ýene-de köle gunduzlary we suwda ýüzýän guşlary tutmaga gitdiler. Olar özleriniň bu howp-hatardan doly pişelerini ýekeje gün hem taşlamaýardylar.

Şol gije ertesi gün, ýagny 1-nji iýun, şeýle hem, birinji iýundan ikinji iýuna geçilýän agşam tutuşlygyna dynç almaklyga sarp edildi. Jasper Gobsonyň ýoldaşlary ondan soňam bärde dynç alyşlaryny dowam etmäge garşy däldiler, ýöne leýtenant 2-nji iýunda säher bilen ýola düşmegi pugta ýüregine düwüpdi, eýýäm gaý-tupan hem sowlupdy.

Seržant Felton faktoriýadaky ähli serişdeleri topara eçildi. Tirkegdäki könelen sanileriň käbirini täzelediler. Jasper Gobson fortdan çykanda, hatara düzülip duran sanileriň doly guratlygyna göz ýetirdi.

Hoşlaşyk pursady gelip ýetdi. Hemmeler güler ýüz bilen garşylap, eden hezzet-hormaty üçin seržant Feltona tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdiler. Polina Barnet hem öz ýüregindäki hoşallyk duýgularyny beýan etmekde hiç kimden kem galmady. Seržantyň gaýyny Longyň elini pugta gysmagy bilen hoşlaşyk tamam boldy.

Hemmeler öz sanilerine ýerleşip, jübüt-jübütden oturdylar, bu gezek missis Barnet bilen leýtenant bir sanä mündüler. Olaryň yzyndaky sanä bolsa Mej bilen seržant Long geçip oturdy.

Jasper Gobson indeý serdarynyň maslahat berşi ýaly, Konfidans fortundan Buzly ummanyň kenaryna iň gysga ýol bilen gönüläp gitmegi ýüregine düwdi. Ol kartany dykgat bilen öwrendi. Dogrusy, ol karta bolup karta hem däldi, diňe ýerleriň çak

bilenräk çyzgysydy. Leýtenant karta seredip mazaly pikirlenensoň, öz suwuny Täç geýdirme aýlagyna guýýan Koppermaýn derýasynyň jülgesi bilen gitmegi göwnejaý hasaplady.

Konfidans fortundan derýanyň aýagyna çenli bolaýsa bir ýarym gradus, başgaça aýtsak, segsen bäş-togsan mil töweregi ýol bardy. Güýçli dilkawlanyp, Täç geýdirme aýlagyny emele getirýän kenar demirgazykda Kruzenştern burnuna baryp direýärdi, soňra o ýerden günbatarlygyna uzalyp gidýärdi hem-de kem-kemden ýokary galyp, ýetmişinji paralleliň aňyrsynda ýerleşýän Baterst burnuna barýardy.

Şeýlelikde, Jasper Gobson ilkibaşdaky göz öňünde tutan, häzire çenli sypdyrman gelýän ýoluny üýtgetdi. Indi ol göni gündogarlygyna gidip birnäçe sagatdan derýanyň boýuna ýetmegi niýet edinýärdi.

Topar ertesi gün 3-nji iýunda günortana golaý derýanyň kenaryna geldi. Çalt akýan, dury suwly Koppermaýn derýasy bu mahal buzlardan halasdy. Ol giň jülgäniň içi bilen hanasyny dolduryp akyp ýatyrdy. Jülgede egrem-bugram bolup akyp ýatan çeşmejikler gaty kändi, ýöne olar çuň däldi, içine girip geçmegiň känbir kynçylygy ýokdy. Şeýlelikde, ýolagçylar sanileri bilen hä diýmän ep-esli ýoly geçdiler. Ýolda Jasper Gobson syýahatçy zenana bu barýan ülkeleriniň taryhy barada gürrüň berdi. Leýtenant bilen bu batyrgaý zenanyň arasynda hakyky dostluk duýgusy döräpdi. Olaryň ýaşynda hem-de munuň ýaly ýagdaýlarda şeýle-de bolaýmalydy. Elmydama täsin zatlaryň gözleginde bolan, doglan gününden bäri kalby täze açyşlary etmäge atygsap duran Polina Barnet täze-täze ýurtlara syýahat eden adamlar hakynda gürrüňleri diňläp doýup bilmeýärdi.

Jasper Gobson bolsa Amerikanyň polýar ülkelerini bäş barmagy ýaly bilýärdi hem-de öz ýoldaşynyň bilesigelijiligini doly kanagatlandyrmagy başarýardy.

— Mundan togsan ýyl töweregi ozal Koppermaýn derýasynyň kesip

geçýän ülkesi hiç hili mälim däldi — diýip, ol söze başlady. — Ol hakda bilýänje zatlarymyz üçin biz Gudzon aýlagy şereketiniň gullukçylaryna sagbolsun aýtmaly. Ýöne ylymda köplenç bolşy ýaly, biri gözleýär başga biri hem açyş edýär. Ynha, Kolumb hem Aziýany gözläp Amerikany açypdyr ahbeti.

— Gudzon aýlagy şereketiniň işgärleri näme gözläpdir? — diýip, missis Polina Barnet sorady. — Ýa-da olaram şol haý-haýly Demirgazyk-Günbatar geçelgäni gözläpdirlermi?

— Ýok, hanym — diýip, leýtenant jogap berdi. — Şereketi mundan ýüz ýyl ozal bu täze aragatnaşyk ýoly hiç hili gyzyklandyrmandyr. Gaýtam tersine, ol ýoluň açylmagy şereketiň özüne peýdaly bolman, bäsdeşleri üçin bähbitli ekeni. Hatda kenarýakalaryny öwrenmek üçin ugradylan Kristof Midlton diýen bir adama iki ummanyň arasynda aragatnaşyk etmäge deňiz ýolunyň ýokdugyna, asla bolubam bilmejegine güwä geçmegi üçin şereketden bäş müň funt sterling para alandygy hakda aç-açan günä ýöňkelendigi barada gürrüňlerem bar.

— Be-e, bu meşhur şerekete abraý-a getiren däldir — diýip, missis Barnet pikirini aýtdy.

— Bu meselede men şereketiň arkasyny tutamok — diýip, Jasper Gobson sözüni dowam etdi. — Parlamentiň şereketiň hereketlerini berk ýazgarandygyny hem aýdaýyn, ol bir müň ýedi ýüz kyrk altynjy ýylda bu geçelgäni açmagy başaran adama ýigrimi müň funt sterling pul baýragyny goýdy. Şol ýylyň özünde hem iki sany batyr syýahatçy Wilýam Mur bilen Frensis Smit bu arzyly ýoly tapmak üçin Repals goltugyna çenli barýarlar. Ýöne olaryň bu synanyşygy şowsuz bolýar, tapan zatlary bolmansoň, bir ýarym ýyldan syýahatçylar Angliýa dolanyp gelýärler.

— Olaryň ýoluny dowam etmekçi bolan başga garadangaýtmaz adamlar bolmandyrmy? — diýip, missis Barnet sowal berdi.

— Ýok, hanym, parlamentiň şeýle uly baýragy wada edendigine garamazdan, Amerika yklymynyň ýa-da başgaça aýtsak, Britan

Amerikasynyň demirgazyk-günbatar bölegini barlamaga gitmäge hiç kim aýgyt etmändir. Diňe bir müň ýedi ýüz altmyş dokuzynjy ýylda şereketiň gullukçylarynyň biri Mur bilen Smitiň başyny tutan işini dowam etdirmäge synanyşýar.

– Diýmek, şereketem ahyrsoňy bir öz aladasyny edip oturman, bu paýhassyz pikirlerinden el çekipdir-dä onda?

– Ýok, hanym, o mahallar ol bu pikirinden el çekenokdy. Semuel Herne diýen bir gullukça diňe ýerli halkyň salgy berýän mis ýataklarynyň ýerini anyklamak tabşyrylýar, onuň geçelge bilen işi bolmaly däl ekeni. Bir müň ýedi ýüz altmyş dokuzynjy ýylyň altynjy noýabrynda ol Gudzon aýlagynyň günbatar kenaryndaky Çerçill derýasynyň boýunda ýerleşen Şazada Uelsliniň fortundan ugraýar. Semuel Hern ol ýerden göni demirgazyk-günbatara gidýär, ýöne aldajy sowuk, onsoňam azyk-owkat ýetmezçiligi ony forta dolanmaga mejbur edýär. Ýöne, her näme diýseňem, ol öz pikirinden beýle aňsat dänýän messepsiz adamlardan däl ekeni. Şonuň üçin hem ol birnäçe indeýi ýanyna ýoldaş edip alýar-da ýaňadan ýola düşýär. Onuň ikinji syýahaty has-da güzaply bolýar. Semuel Herniň aw edip, balyk tutup oňňut ederis diýeni bolmaýar, olaryň känbir awy oňmandyr. Onuň hepdeläp ýabany miweleri, haýwan derisiniň gowkalaryny, süňkleriň ýanygyny iýip mydar eden gezeklerem bolupdyr. Şonuň üçin hem bu garadangaýtmaz syýahatçy ýene hiç hili netije gazanyp bilmän yzyna dolanyp gelmäge mejbur bolupdyr. Müň ýedi ýüz ýetmişinji ýylyň ýedinji dekabrynda ol üçünji gezek bu endişä baş goşýar. On dokuz aýlap görgi baryny görensoň, bir müň ýedi ýüz ýetmiş ikinji ýylyň on üçünji iýulynda ol Koppermaýn derýasyny açýar, onuň ugruny syryp derýanyň aýagyna gelýär hem-de öz aýtmagyna görä, buzlardan azat deňzi görüpdir. Şeýdip ilkinji gezek Amerikanyň demirgazyk kenarlaryna barlypdyr.

– Ýöne Demirgazyk-Günbatar geçelgesi, ýagny Atlantik umman bilen Ýuwaş ummanyň aralygyndan göni aragatnaşyk ýoly açylman galypdyr-da? – diýip, missis Barnet ýene sowal berdi.

– Açylmandyr, hanym – diýip, leýtenant jogap berdi. – Ol ýoly

gözlemek üçin şondan bäri näçe edermen deňizçi ýola düşdi. Müň ýedi ýüz ýetmiş üçünji ýylda Fipps, müň ýedi ýüz ýetmiş altynjy ýyldan müň ýedi ýüz ýetmiş dokuzynjy ýyla çenli Jems Kuk bilen Klerk, müň sekiz ýüz on bäşinji ýyldan müň sekiz ýüz on sekizinji ýyla çenli Kosebu, şeýle hem Ross, Parri, Franklin we başga-da ençeme syýahatçylar bu çözmesi kyn meseläni çözmek üçin gujur-gaýratlaryny gaýgyrmadylar, ýöne olaryň yhlasy ýerine düşmedi. Bir ummandan beýleki ummana demirgazyk deňiz ýoly bilen geçmegi başaran ýeke-täk adam biziň döwürdeşimiz, edermen syýahatçy Mak-Klýur.

— Ol dünýäde ägirt uly ähmiýete eýe bolan geografiki açyşyny edipdir — diýip, missis Barnet pikirini aýtdy. — Biz onuňam özümiz ýaly iňlisdigi üçin buýsanmaga haklydyrys! Ýöne aýtsaňyz-la, Gudzon aýlagy şereketi ahyrsoňy ýagşy işe ýar bolup, Semuel Hernden soňky syýahatçylary höweslendirmek üçin baýrak-beýleki bermedimi?

— Elbetde, höweslendirdi, hanym. Onuň höweslendireni üçin kapitan Franklin müň sekiz ýüz on dokuzynjy ýyldan müň sekiz ýüz ýigrimi ikinji ýyla çenli aralykda öz syýahatyny amala aşyrdy. Ol Hern derýasy bilen Turnagen burnunyň arasyndaky giden giňişligi barlady. Onuň bu syýahaty hem gaty hupbatly bolupdyr, ol juda ýowuz synaglara döz gelipdir. Syýahatçylaryň azyk-owkatlary bolman açlyk çeken halatlary hem az bolmandyr. Ýöne şeýle kynçylyklara garamazdan, kapitan Franklin Amerikanyň demirgazygyndaky deňiz kenarýakalarynyň şol wagta çenli düýbünden nämälim bolan bäş müň bäş ýüz elli bäş milini barlady.

— Ol gaty zor adam ekeni — diýip, missis Polina Barnet tekrarlady. — Ol özüniň şeýle gaýratly adamdygyny, şunuň ýaly agyr kynçylyklara döz gelenden soňam, Demirgazyk polýusa ýetmek üçin syýahata gidende subut etdi!

— Hawa — diýip, Jasper Gobson sözüni dowam etdi. — Ol şol açyşda başyny goýdy, erbet horlanyp dünýäden ötdi. Häzirki wagtda Frankliniň ýoldaşlarynyň hemmesiniň onuň bilen birlikde

heläk bolmandyklary anyklandy. Belkem-de, ol görgülileriň birentegi henizem buza basyrylan bu beýewanlykda syňsyraklap ýörendir! Eý-ho! Men olaryň tenha özleriniň bu buzluklarda hor-homsy bolşup, ýörendiklerini göz öňüme getiremde-de endamym tikenekläp gidýär! Nähili elhenç! Hanym, men size bir zat aýdaýyn – diýip, leýtenant tolgunyp, nähilidir bir üýtgeşik ynam bilen gürledi. – Şeýle bir gün geler, men bu nätanyş ýerleri gyzyl-dörjük edip, şol pajygaly wakalaryň bolan ýerini taparyn, onsoň…

– Şol gün… – diýip, missis Barnet hem leýtenantyň elini pugta gysyp, onuň sözüni alyp göterdi. – Şol gün men hem siziň ýanyňyzda bolaryn. Hawa! Menem mister Gobson, edil siz ýaly, öz ildeşlerimiziň, iňlisleriň öz datlaryna ýetişjek adamlara garaşyp ýören bolmaklarynyň hem ähtimaldygyny göz öňüme getiremde janyma jaý tapamok…

– Ýöne biziň kömegimiziň ol garamaňlaýlaryň birentegi üçin giç bolmagy-da ahmal, her zadam bolsa, hanym, olaryň käbiriniň dadyna ýetişjekdigimize men ynanýaryn!

– Agzyňyzdan hudaý eşitsin, mister Gobson! – diýip, missis Barnet jogap berdi. – Meniň pikirimçe, şereketiň deňziň golaýynda ýaşaýan gullukçylary ilden öňürti bu ynsanperwerlik borçlaryny ýerine ýetirmäge çalyşmalymyka diýýän.

– Menem şeýle pikirde, hanym – diýip, leýtenant ony makullady. – Onsoňam ol gullukçylar Arktikanyň ýowuz howa şertlerine hem öwrenişen adamlar. Ýogsa-da olar öz edermenliklerini iş ýüzünde hem birnäçe gezek görkezdiler. Müň sekiz ýüz otuz dördünji ýylda kapitan Bek öz topary bilen Wilgelm Patyşanyň Ýerini açanda, az-kem soňra şol ýerde Frankliniň başyndan betbagtçylyk inipdi, oňa kömege baranlar şereketiň gullukçylary däl-de, eýsem kimler?! Biziň kärdeşlerimiz şereketiň müdiri tarapyndan müň sekiz ýüz otuz sekizinji ýylda Buzly ummanyň kenarýakalaryny öwrenmek üçin ýörite iberilen garadangaýtmaz ýigitler – Diz bilen Simpson ilkinji bolup Wiktoriýanyň Ýerini öwrenmedilermi näme?! Meniň pikirimçe,

Arktika gutarnykly eýe bolmak biziň şereketimiziň paýyna düşer. Onuň faktoriýalary kem-kemden sütükli jandarlaryň gaçyp barmaga mejbur bolan has demirgazykdaky ýerlerine aralaşar hem-de ajaýyp günleriň birinde ýer togalagynyň ähli meridianlaryň birigýän ýerinde, Demirgazyk polýusda haýsydyr bir fort peýda bolar!

Bu gürrüňçiligiň barşynda Jasper Gobson öz başdangeçirmeleri, bäsdeş şereketleriň gullukçylary bilen alyp baran göreşi hem-de adam aýagy sekmedik demirgazyk we günbatar ýerleri öwrenmek üçin eden synanyşyklary hakynda aýdyp berdi. Missis Barnet hem öz gezeginde oňa iki tropikleriň arasynda ýerleşen ülkelere eden syýahatlary barada ýatlamalary, özüniň amala aşyran hem-de geljekde göz öňünde tutýan syýahatlary barada gürrüň berdi. Leýtenant bilen onuň ýoldaşy şunuň ýaly ýakymly gürrüňdeşlik bilen syýahatyň uzak ýollarynyň nähili arka atylandygyny hem duýmadylar.

Bu mahal aýagaldygyna ýüwrüp barýan itler sanileri çaltlyk bilen demirgazyga alyp barýardy. Koppermaýn derýasynyň jülgesi Buzly ummana golaýladygyça giňeýärdi. Iki kenaryň gapdaly bilen uzalyp gidýän ýapgyt depeler barha peselýärdi. Onda-munda topbak tutup oturan hwoýaly (iňňe ýaprakly) agaçlar bu ajaýyp görnüşleriň birsydyrgynlygyny bozýardy. Derýanyň içinde henizem Gün şöhleleri kär etmedik buz harsaňlary ýüzüşip ýördi, ýöne olaryň sany gün geçdigiçe azalýardy. Häzir derýada islendik gämi, hatda gämi däl-de gaýyk bolanda-da arkaýyn akymyň ugry bilen ýüzüp biljekdi, çünki onuň tutuş ugrunda hiç hili gaýa ýa-da başga tebigy päsgelçilikler ýokdy. Koppermaýn derýasynyň hanasy giň hem çuňdy. Onuň erän garlar bilen üsti dolýan dury suwy çalt akýardy, ýöne hiç ýerde möwç urup duran şaglawuklary emele getirmeýärdi. Ýokarky akymlary egrem-bugram bolup duran derýa kem-kemden gönelip, esli mil aralyklarda dos-dogry bolup akýardy. Onuň owunjakdan gaty çägeli, käýerlerini pessejik gury ot basan giň hem tekiz kenarynda sanileriň taýgyçlary aňsatlyk bilen typýardy, şonuň üçin hem bu özboluşly otly uzyn hatar bolup aňsatlyk bilen öňe gidip

barýardy. Tep-tekiz ýolda ýapgydam, eňňidem ýokdy, şonuň üçin hem itler agzybirlik bilen emgenmän sanileri çekýärdiler.

Şeýlelikde, toparça çaltlyk bilen öňe barýardy. Dynç alynman gije-gündiz ýörelýärdi. Ýöne bu ýerde gije diýip gije-de bolanokdy, Gün gapdallygyna ýaý berip, ýaşmaýar diýen ýalydy. Ýaz aýlary bu giňişliklerde gije iki sagada-da çekenokdy, ilkagşamyň gyzaran şapagynyň yzysüre daň saz berýärdi. Howa diýseň ajaýypdy, gözýetim az-owlak ümüş-tamyş bolup görünse-de asman arassady, syýahat örän amatly howa şertlerinde geçýärdi. Topar iki günläp Koppermaýn derýasynyň kenary bilen hiç ýerde eglenmän ýöredi. Sütükli jandarlar bu ýerde azdy, ýöne guş welin näçe diýseň bardy. Olaryň san-sajagy ýokdy. Samyrlaryň, suwitileriň, gornostaýlaryň, tilkileriň ýoklugy leýtenanty az alada goýmady. Ol awçylar tarapyndan juda gaty kowalanýan ýyrtyjylar, gemrijiler, mahlasy, ähli haýwanlar, günortadaky ýaly bu ýerleri hem terk edendirler öýdüp howatyrlanýardy. Bu bolup biläýjek zatdy, çünki onda-munda düşlenen ýerleriň yzy, otlaryň küli gabat gelýärdi. Munuň özi bu ýerlerde ýerli ýa-da ýat ýerden gelen awçylaryň bolandygyndan habar berýärdi. Jasper Gobson öz gözleglerini has uzak demirgazykda geçirmeli boljakdygyna, Koppermaýn derýasynyň aýagyna baranda geçmeli ýoluň diňe ýarysyny aljakdygyna açyk göz ýetirdi. Şonuň üçin hem ol Herniň çalaja gören deňizýaka sebitlerine ýetmäge howlugýardy hem-de öz erkiniň ýetdiginden topary gyssaýardy.

Dogrusy, Jasper Gobsonyň ýoldaşlary hem özleriniň gyssanylýandygyna nägile bolup duranokdylar. Olaram tizräk Buzly ummanyň kenaryna ýetmek isleýärdiler. Bu edermen syýahatçylary haýsydyr bir güýç ol ýere çekýärdi. Olary syrly ýerleriň täsinlikleri gol bulap çagyrýardy. Belkem-de, hakyky synag hem şol arzyly kenara barlansoň başlar? Şeýle bolmagam ahmal! Ýöne syýahatçylaryň hijisi ol synaglardan çekinmeýärdiler, gaýtam, tizräk olar bilen ýüzbe-ýüz bolmaga howlugýardylar, öz maksatlaryna ýetmek üçin hem hiç ýerde säginmän barýardylar. Geçip barýan ýerleri olarda hiç hili gyzyklanma döretmeýärdi, diňe Buzly ummanyň kenarynda olara

hakyky barlaglar garaşýardy. Olar mundan birnäçe mil günbatarda ýetmişinji paralleli kesýän şol kenar zolagyna edil şu demde barmak isleýärdiler.

Ahyrsoňy Konfidans fortundan gaýdylanyna dört gün geçensoň, 5-nji iýulda leýtenant Gobson Koppermaýn derýasynyň juda giňelýändigini gördi. Onuň günbatar kenary çalarak egrelip, göni demirgazyga uzaýardy, gündogar kenary bolsa saga aýlanyp gözýetimiň ümür-dumanlyklarynda ýitip gidýärdi.

Jasper Gobson topary saklap, öz öňlerinde ýaýlyp ýatan uç-gyraksyz deňze elini salgap goýberdi.

ON BIRINJI BAP

Kenarýaka bilen

Toparyň alty hepdelik syýahatdan soň gelip ýeten ýeri, derýanyň öz suwuny guýýan giň aýlagy Amerika yklymynyň kenaryny trapesiýa görnüşinde dilkawlap durdy. Aýlagyň günbatar çüňküne Koppermaýn derýasy guýýardy. Onuň gündogar bölegi uzyn goltuk bolup, gury ýere ep-esli süsňäp girýärdi. Aýlagyň ol bölegini Baterst-Inlet diýip atlandyrýardylar. Bu tarapyň kiçeňräk böwürler we goltuklar bilen dilkawlanan, zaw-zaw bolup duran ýylçyr ýalçyly, süýr depesi ýalaw ýaly ýiti uçut gaýaly egrem-bugram kenary, polýar ülkeleriniň kartalaryna haýran galaýmaly täsin şekil berýän çörňeşip oturan deredir zawlaryň, bogazdyr çylgymlaryň arasy bilen uzalyp gözden ýitýärdi. Aýlagyň beýleki çep tarapyndaky kenary Koppermaýn derýasynyň deňze guýýan hanasyndan demirgazyga güýçli aýlaw edip Kruzenştern burnunda tamamlanýardy.

Bu aýlag Täç geýdirme aýlagy diýlip atlandyrylýardy, ol Gersog Ýorkly adalygyny emele getirýän adalardan, kiçijik adajyklardan, saýlardan doludy.

Jasper Gobson seržant Long bilen maslahatlaşyp, bu ýerde topara bir günlük dynç bermek kararyna geldi.

Şu ýerdenem hakyky barlaglar başlady. Ol barlaglaryň netijesi boýunça leýtenant täze faktoriýany gurmak üçin amatly ýeri tapmalydy. Şereket oňa Buzly ummanyň kenaryndan daşlaşmazlygy, ýetmişinji parallelden hem mümkingadar ýokary galmagy tabşyrypdy. Bu tabşyrygy ýerine ýetirmek üçin leýtenant Amerika yklymyna degişli, şonuň ýaly ýokary giňişlikde ýerleşýän nokady diňe günbatardan gözläp biljekdi. Gündogar tarapda bolsa dagynyk ýatan ýerler Arktika meýdanlarynyň bölekleri bolup, olaryň Butiýa ýarym adasyndan galany ýetmişinji parallelden aşakdady. Butiýa ýarym adasyndan, hakykatdanam, ýetmişinji parallel geçýärdi, ýöne ol ýerleriň geografiki ýagdaýy heniz öwrenilmedik diýlen ýalydy.

Jasper Gobson uzaklygy we giňişligi hasaplap, karta boýunça toparyň duran ýerini anyklady hem-de özleriniň ýetmişinji parallelden ýüz mildenem gowrak günortada durandyklaryna göz ýetirdi. Kruzenştern burnunyň aňyrsynda kenar ilki gündogara az-owlak gyşarýardy, ýöne soňra ýene-de demirgazyga gidýärdi hem-de, takmynan, ýüz otuzynjy meridianda ýetmişinji paralleli ýiti burç emele getirip, edil Baterst burnunyň üstünde kesýärdi. Şol ýeri bolsa Kapitan Krewenti geljekki duşuşygyň bolmaly nokady hökmünde kesgitläpdi.

Topar şol ýere hem barmalydy. Eger-de ol ýerde faktoriýa gurmak üçin zerur tebigy serişdeler ýeterlik bolsa, o taýda täze faktoriýa gurulmalydy.

– Seržant Long, ine, şu ýer şereketiň ähli talaplaryna laýyk gelýär – diýip, leýtenant kiçi serkerdä polýar sebitleriniň kartasyny görkezip durşuna aýtdy. – Ýylyň aglaba wagtynda bu ýeriň deňizleri buzdan halas, bu bolsa gämileriň Bering bogazyndan göni forta gelmegine mümkinçilik berer. Ol gämiler forta azyk-owkat, ok-däri hem-de beýleki gerek-ýaraklary äkeler, yzyna bolsa ýygnalan derileri alyp gider.

– Onsoňam biziň adamlarymyz ýetmişinji paralleliň aňyrsynda ýaşamak bilen özlerine düşýän iki aýlyk haky alarlar! – diýip, seržant hem alyp göterdi.

— Elbetde, olar närza bolmasa gerek! — diýip, leýtenant hem sözüniň üstüni ýetirdi.

— Diýmek, bize diňe Baterst burnuna baraýmak galýar — diýip, seržant sözüni jemledi.

Ýöne bu gün dynç almaly edilensoň, syýahatçylar ertesi gün 6-njy iýunda ýola düşdüler.

Syýahatyň ikinji bölegi, garaşylyşy ýaly, birinji böleginden düýpgöter üýtgeşik ýagdaýda dowam etdi. Sanileriň öňki yzygiderligi indi berjaý edilmeýärdi. Her kim nähili gidesi gelse gidýärdi. Öňki ýaly uzak wagtlap ýörelenokdy, köp eglenilýärdi, kenaryň deňziň içine süsňäp girýän ýerleriniň hemmesinde durlup geçilýärdi, köplenç halatda pyýada hem ýörelýärdi. Leýtenant Gobson öz ýoldaşlaryndan diňe kenardan üç milden uzaga daşlaşmazlygy hem-de günüň dowamynda iki gezek, günortan hem agşam ýygnanyşmagy talap edýärdi. Gijesine hemmesi üýşüp bir ýerde düşleýärdiler. Ýylyň bu wagtlary howa hem mylaýymdy, ortaça Farengeýt boýunça 59° (Selsiýa boýunça nuldan 15° ýokary) deňdi. Iküç gezek gar gatyşykly syrgyn turdy, ýöne ol uzak dowam etmedi, howany hem üýtgeşik sowatmady.

6-njy iýundan 20-nji iýuna çenli Kruzenştern burnundan Parri burnuna çenli amerikan kenarynyň iki ýüz elli milden gowrak ýeri barlanyldy. Bu sebitiň geografiýasy örän göwnejaý öwrenildi, hatda Jasper Gobson bu ýerleriň gidrografiýa ýazgysyna käbir düzedişleri hem girizdi. Bu işde Tomas Blek oňa uly kömek etdi. Golaý-goltumdaky ýerler hem ýörite Gudzon aýlagy şereketini gyzyklandyrýan nukdaýnazara laýyklykda pugta öwrenildi.

Bu ýerleriň awlaklary nähilikä? Bu ýerde sütükli haýwanlaryň, eti azyk üçin ýaramly jandarlaryň bardygyny ymykly aýdyp bolarmy? Bu ýerleriň tebigaty faktoriýany iň bolmanda tomus paslynda zerur serişdeler bilen üpjün edip bilermi? Bu sowallar leýtenant Gobsony uly alada goýýardy. Sebiti öwrenmek

arkaly ol, ine, şeýle maglumatlary aldy.

Aw babatynda kapral Jolifiň hem-de ýene käbir adamlaryň gowy görýän awlary azrakdy. Ördekler maşgalasynyň dürli görnüşlerine degişli bolan ganatlylara gytçylyk ýokdy, ýöne az sanly polýar towşanlaryndan ybarat bolan gemrijiler juda azdy, olara okýeter aralyga golaýlaşmak awçylara aňsat düşenokdy. Oňa derek Amerika yklymynyň bu böleginde aýylar köp bolarly. Sebin bilen Marbr bu ýyrtyjylaryň täze yzlaryna gaty kän gabat geldiler. Birnäçe gezek bolsa olara aýylaryň özem duşdy. Olary tutmak üçin awçylar yzyna hem düşdüler, emma aýylar olary özlerine golaýlaşdyrman gaçdylar. Bu haýwanlaryň gyşyna ajygyp, has ýokary giňişliklerden aşaky guşaklyklara düşjekdigi hem-de Buzly ummanyň kenarýakasyna geljekdikleri görnüp durdy.

– Aýy diýen jandar birtüýslek närse – diýip, garabokurdagyna gyzma kapral Jolif güpüleýärdi. – Aşhanada onuň eti taýyn duran bolsa ýüzüňi sowup durmasaňam bolýar, ýöne gezip ýören aýa aw diýseň birhili bolýar. Iň esasy zat, awçylar, siz berk belläp goýuň, ony awlajak bolup birden özüňiz oňa aw bolaýmaň!

Onuň aýdýanlarynyň jany bardy. Iýmit üçin aýylary awlamagyň geregi hem ýokdy. Syýahatçylaryň maňlaýyna eti aýylaryňka görä tagamly jandarlaram bu ýerlerde süri-süri bolup duşýardy. Olaryň juda tagamly eti, esasan, eskimoslara, şeýle hem, käbir indeý taýpalaryna iýmit bolup hyzmat edýärdi. Olar sugunlardy. Kapral Jolif bu gäwüş gaýtarýan jandarlaryň kenaryň bu ýerlerinde bol gabat gelýändigine diýseň begendi. Olary bu ýere getirmek üçin tebigatyň özi elinden gelenini edipdir. Ol sugunlaryň garyň astyndan usullyk bilen tapyp iýýän söýgüli oty – lişaýnigi bu ýerlere bolluk bilen eçilipdir. Gyşyna lişaýnikler bu janawarlaryň ýeke-täk iýmiti.

Jasper Gobsonyň özi hem sugun yzlarynyň kän duşýandygyna kapraldan az begenmedi. Olaryň yzyny tanamak gaty aňsatdy, sebäbi sugunlaryň toýnagynyň yz tarapy ýiti bolman düýeleriňki ýaly ýasydy, paşmak görnüşindedi. Olara aşa uly sugun sürüleri

hem duşdy, Amerikanyň käbir böleklerinde ýabany demirgazyk sugunlarynyň birnäçe müň başdan ybarat sürüleri hem az däl. Ol sugunlar diri tutup bolsa, tiz eldekileşýär hem-de faktoriýalary özüniň ýokumly süýdi bilen üpjün edýär. Onuň süýdüniň ýokumlylygy sygyr süýdüniňkidenem ýokary. Onsoňam suguny sanilere goşup, ulag maly hökmünde hem ulanyp bolýar. Awlanan sugunlaryň peýdasy hem az däl, sebäbi olaryň juda berk derileri bar, olardan üstki eginbaş taýýarlanýar, ýüňlerindenem gaty gowy ýüplük alynýar. Olaryň etiniň datlylygyna bolsa söz ýok, şonuň üçin hem ýokary giňişliklerde adam üçin sugundan gymmatly jandar ýok. Jasper Gobson bu ýerlerde sugunlaryň gytçylyk etmeýändigine doly göz ýetirensoň, bu ülkelerde faktoriýa gurmagyň mümkindigine hem doly ynandy.

Sütükli jandarlar babatynda hem ýagdaýlar hiç neneň däldi. Derýajyklaryň ýakalarynda suwitileriň hem-de müşk alakalarynyň sürenlerinden doly. Awçylar tarapyndan bu jelegaýlarda henize çenli ürküzilmedik torsuklar, geçigaplaňlar, rosomahalar, samyrlar hem-de norkalar kenarýakalaryna kän gelýärdi. Bu ýerlere känbir adam aýagy sekmänsoň, ol jandarlar özlerini howpsuz duýýardylar. Onsoňam bu ýerde örän owadan mawy we kümüşsöw reňkli tilkileriň yzlary duşdy. Bu jandarlar gaty seýrekläpdi, olaryň derileri altyna barabar hasaplanýardy. Sebin bilen Marbr kenary syryp ýörkäler bu ajaýyp jandarlary awlabam biljekdiler, ýöne leýtenant olara munuň ýaly aw awlamagy gadagan etdi. Onuň beýle etmesi gaty dogrudy, çünki leýtenant aw möwsümi, ýagny gyş aýlary gelýänçä bu jandarlary ürküzmekden ätiýaç edýärdi, şo mahallar olaryň sütügi hasam owadan bolýardy. Sebin bilen Marbr muňa aňryýany bilen düşünýärdiler, ýöne onda-da olaryň haýsydyr bir samry ýa-da owadan tilkini tüpeňiň didiwanyna mündürip, mäşesini gysaslary gelip elleri gijäp durdy. Ýöne nätjek, Jasper Gobsonyň sözi olar üçin kanundy, öz buýrugynyň ýerine ýetirilmezligine bolsa leýtenant asla çydam edip bilmeýärdi.

Şeýlelikde, awçylar dört aýakly jandarlary ataýsalaram,

toparyň ýolunda kämahal gabat gelýän aýylary atýardylar. Ýöne bu ýyrtyjylaram garynlary dok bolansoň, dessine gaçmak bilen bolýardylar. Olaryň adamlara topuljak bolup duran wagtyna bir gezegem gabat gelinmedi. Toparyň gelmeginden dört aýakly jandarlar känbir zelel çekmedi, boldy-boldy guşlara boldy. Haýwanat dünýäsiniň ähli jandaryna derek olar awlanyldy. Ýakymsyz ýiti sesli ägirt uly akkelle bürgütler, tomsuna Arktika guşaklyklaryna uçup gelip, gury agaçlaryň köweklerinde özlerine höwürtge gurunýan balykçy-laçynlar, ak gar ýaly polýar gazlary, tagam dandaýanlar üçin gazlaryň arasynda belli bahasy bolmadyk ýabany kazarkalar, ( Kazarka – ördekler maşgalasyna degişli, ýokary guşaklyklarda duşýan guş.) gara petekeli gyzylbaş ördekler, juda betnyşan öýkünjeň-soýkalaryň ( Öýkünjeň-soýkalar – dürli haýwanlaryň sesine haýran galaýmaly meňzedip öýkünmegi başarýan serçeler toparyna degişli guş.) bir görnüşi bolan kümüşsöw zakyjalar, jüptünler, jünekeý ördekler hem-de kenarýaka gaýalarda sesleri ýaňlanyp, alagoh döredýän guşlaryň ýene gaty kän görnüşleri awçylara olja boldular. Demirgazyk sebitlerinde bu guşlaryň millionlarçasy ýaşaýar, Buzly ummanda bolsa olaryň san-sajagy ýok.

Dört aýakly jandarlary awlamak gadagan edilensoň, awçylaryň ganatlylar şalygynda ýaşaýan guşlary awlap keýpden çykandyklary düşnüklidir. Ilkinji iki hepdäniň içinde ýüzlerçe guş awlandy, olaryň köpüsi iýilýän guşlardy, şonuň üçin hem olardan taýýarlanan tagamlar, kakadylan etdir guradylan çörek bilen oňňut edip ýören syýahatçylaryň saçagyny bezedi.

Görşümiz ýaly, bu ülkelerde haýwanlaryň azlygyndan nägile bolar ýaly däldi. Şerekete öz ammarlarynyň üstüni ýetirmäge ol haýwanlar bolelin ýetjekdi, fortuň şahsy düzüminiň ammary hem boşap galjak däldi. Ýöne geljekki faktoriýanyň üpjünçiligi diňe bu iki ýagdaý bilen baglanyşykly däldi. Şeýle ýokary guşaklyklarda Arktikanyň aldajy gyşyny geçirmek üçin daş-töweregi gurşap alan tebigatyň özi ýeterlik mukdarda ýangyç üçin odun bermese, onda ol ýerde ýurt tutunyp, ýaşamak barada

pikir edip oturmalam däldi.

Syýahatçylaryň maňlaýyna bu sebitleriň tokaýdyr jeňňelem ýetik bolup çykdy. Kenardan biraz uzaklykdaky baýyrlaryň üsti gök öwsüp oturan agaçlardan doludy, olaryň arasynda sosna agdyklyk edýärdi. Hwoýaly agaçlar köp bolansoň, bu tokaýa hwoýa tokaýlygy diýseňem boljakdy. Jasper Gobson her ýerde söwütleriň, derekleriň, girdenek gaýyň agaçlarynyň ösüp oturandygyny hem-de toloknýankanyň ( Toloknýanka — ýere ýazylyp ösýän, ak-gyrmyzy gülli hem-de gyzyl miweli hemişe gök öwüsýän gyrymsy ösümlik.) giden jeňňelligini gördi. Ýylyň bu maýyl mahallary agaçlar göm-gök öwsüp, gül-pürçük bolup otyrdy hem-de polýar tebigatynyň gazaply, ýalazy tebigatyna öwrenişen gözler üçin bir enaýy täsin bolup görünýärdi. Baýyrlaryň etegi gök otlara bürenipdi, olary sugunlar hezil edip çirtýärdiler. Arly gyş hem bu otlar olary açlykdan goramalydy. Görnüşi ýaly, bu sebitlerden leýtenantyň göwni hoş boldy, şonuň üçin hem ol sütük-deri üçin awlagy amerikan yklymynyň diňe demirgazyk-günbataryndan gözlemegi ýüregine düwdi.

Bu ýerde her dürli haýwan kändi, ýöne ozalam aýdyp geçişimiz ýaly, bu ýerlere heniz adam aýagy sekmedige meňzeýärdi. Gudzon aýlagynyň töwereginde aw edenlerini kem görmeýän eskimoslaram, Polýar aýlawynyň çäklerinden munuň ýaly uzak ýerlere hiç haçan gaýtmaýan indeýlerem görnenokdy. Bu şeýle hem bolmalydy, çünki bu jelegaýlarda awçynyň uzak wagtlap üstüni ýagyna basdyrmagy, ýa bolmasa gyşa galyp, dünýäden üzňe ýaşamaly bolmagy ahmaldy. Leýtenant Gobson bu ýerde adam ýoklugyna az begenmedi, sebäbi ol bu ýerde duşan her bir adamy özüne bäsdeş hasaplajakdy. Ol sütükli jandarlaryň gaçyp gelen, ýöne hiç adamyň gelmedik jelegaýlaryny gözleýärdi. Ol bu barada missis Barnete hem birnäçe gezek gürrüň beripdi, şonuň üçin ol hem bu işe diýseň gyzyklanýardy. Syýahatçy zenan özüniň Gudzon aýlagy şereketiniň myhmanydygyny birjigem ýadyndan çykarmaýardy hem-de leýtenanta diňe üstünlikleriň hemra bolmagyny arzuw edýärdi.

20-nji iýunda irden adamlaryň ýaňy-ýakynlarda taşlan

düşelgesiniň üstünden baranda, Jasper Gobsonyň nähili hapa bolandygyny göz öňüne bir getirip görüň!

Bu waka günbatardan deňziň içine uzalyp gidýän Parri burnunyň ygynda duran Darnli diýlip atlandyrylýan insizje aýlagyň kenarynda bolup geçipdi. Topar şol ýerde pessejik baýryň eteginde ýere kakylan agaçlaryň üstünden barypdy, ol agaçlar, megerem, haýat hökmünde ulanylan bolsa gerek. Onuň galdalynda bolsa sönüp giden oduň üýşüp duran küli bardy.

Topar tutuşlygyna taşlanyp gidilen bu düşelgäniň ýanyna ýygnandy. Bu garaşylmadyk açyşyň leýtenanty gaty gynandyrjagyna hemmeler düşünýärdi.

— Bärde adamlaryň bolmagy gowy ýagdaý-a däl! — diýip, ol uludan demini aldy. — Men olara duşanymdan birgiden ak aýa duşanymy ibaly görerdim!

— Bärde düşlän adamlar bu mahal allowarradan çykandyrlar — diýip, missis Barnet hem öz pikirini aýtdy. — Olar bireýýäm öz öwrenişen ýerlerine, günorta dolanan bolsalar gerek.

— O-da ahmal, hanym! — diýip, leýtenant jogap berdi. — Eger-de bular eskimoslar bolsa, onda olar mundanam beýläk, demirgazyga gidendirler. Eger-de bular indeýler bolsa, onda olar hem edil biziňki ýaly täze awlaglary gözleýändirler. Bu bolsa, men ýene bir gezek gaýtalap aýdýan, biziň üçin juda ýaman!

— Bu awçylaryň haýsy millete degişlidigini bilip bolmazmyka? — diýip, missis Barnet sorady. — Meniň pikirimçe, muny bilmek gaty kyn bolmaly däl. Eskimoslar bilen indeýler häsiýeti boýunça hem, däp-dessurlary boýunça hem biri-birinden düýpli tapawutlanýarlar, şonuň üçin olaryň düşelgeleri hem biri-birine meňzeş bolmaz.

Missis Barnetiň aýdýanlary dogrudy. Düşelgäni mazaly gözden geçirip hemmeleri iňkise goýýan bu sowala jogap tapsa boljakdy.

Jasper Gobson ýanynyň ýaranlary bilen haýsydyr bir gaçyrylan zady tapdylarmy ýa-da yza seredip, öz göwünlerinde dörän şübhelerinden saplanyp, ynjalmak üçinmi, garaz, bu ýerini pugta öwrenmäge başladylar. Emma düşelgedenem, sönüp giden oduň küllerindenem tutaryk delil tapylmady. Leýtenant lapykeç bolup biderek gözlegleri bes etmeli diýen netijä gelenem şoldy welin, edil şol wagtam ýüz ädim töweregi beýleräkde aýlanyp ýören missis Jolif gygyryp olary çagyrdy. Jasper Gobson, missis Barnet, seržant, kapral we beýlekiler ýaş hanymyň ýanyna tarap ýöneldiler. Ol eglip nämedir bir zatlara üns bilen seredýärdi.

– Siz aýak yzlaryny gözleýäňizmi? – diýip, missis Jolif ýanyna gelen leýtenantdan sorady. – Ine, bärde yz kän,serediň!

Missis Jolif olara toýunsow ýerde aýyl-saýyl bolup duran aýak yzlaryny görkezdi. Yzlardan kän zady anyklap boljakdy, çünki indeýleriň hem-de eskimoslaryň aýakgaplary dürli-dürlüdi.

Ýöne Jasper Gobsony, ilkinji nobatda, bu aýak yzlarynyň üýtgeşikdigi geň galdyrdy. Ol yzlar, elbetde, aýakgaply adama degişlidi, ýöne geň ýeri ol adam diňe daraklygyna basyp ýörän ýalydy! Onuň aýagynyň ökje tarapynyň yzy ýokdy. Üstesine hem, bu çaklaňja ýerde gaty kän yz bardy. Yzlar bulam-bujar bolup durdy, olar bir daşlaşýardy birdenem öwrülip öňki yzyň üstüni kesýärdi.

Jasper Gobson aýak yzlaryň bu aýratynlygyna ýoldaşlarynyň ünsüni çekdi.

– Bu yzlar ýöräp barýan adamyň yzy däl – diýip, ol pikirini aýtdy.

– Ylgaýanyň ýa böküäniň aýak yzyna-da meňzänok, yzlaryň ökjesi ýok ahyry – diýip, missis Barnet hem dillendi.

– Ökjesiniň ýoklugynyň sebäbi bu tans edýän adamlaryň aýak yzlary! – diýip, missis Jolif ynamly aýtdy.

Missis Jolifiň aýdýanlarynyň jany bardy. Yzlary dykgat bilen öwrenmek onuň bu çakyny tassyklady. Aýak yzlarynyň daraklygyna basyp, haýsydyr bir tans tilsimlerini ýerine ýetirýän adama degişlidigi göze görnüp durdy, onsoňam bu haýal, ebeteýsiz tapyrdaýanlaryň yzyna däl-de, ýeňiljek, sazlaşykly, şadyýan hem owadan tans edýänleriň yzyna meňzeýärdi. Aýak yzlarynyň tans edýän adamyň yzydygyna hiç hili şek-şübhe galmady. Ýöne amerikan yklymynyň iň çetki gyrasynda, Polýar aýlawynyň birnäçe graduslygynda, birden tans etmegiň höwesine düşen bu adam kimkä?!

– Munuň eskimos däldigi görnüp dur – diýip, leýtenant seslendi.

– Ol indeýem däl! – diýip, kapral Jolif tekrarlady.

– Ýok, olaryň hijisem däl, bu fransuz bolmaly, başga hiç kimem däl! – diýip, seržant Long ynamly aýtdy.

Topardakylaryň barysy hem Ýer togalagynyň bu beýewan künjeginde, fransuzdan başga hiç kimiň şeýle tans edip bilmejekdigi bilen ylalaşdy!

(Dowamy bar).

***Rusçadan terjime eden Gurbangeldi MÄMMETSÄHEDOW***